# Daş-töwerek durşuna ýalan

Category: Geň-taňsy wakalar,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Daş-töwerek durşuna ýalan DAŞ-TÖWEREK DURŞUNA ÝALAN




- ***Aşakdaky aýtjak zatlarymyň barsy diňe ýöne bir çaklama we hiç bir ýagdaýda hakykat bolmaga dalaşgärlik edenok***

Biz adamlar, Hudaýyň 6-njy taslamasy. Bizden öň, Beýik Ýaradyjy 5 sany siwilizasiýany döretdi we ýok etdi. Netijede oň ýerine başga aňly-düşünjeli jandarlar bilen doldurdy, ol jandarlar biz. Bizden öň ýok edilen 5 sany siwilizasiýanyň atlaryny keramatly kitaplarda eşitseň bolýar. Olar Samud we Ad halklary, ýenede Nuhyň halky bar we şuňa meňzeş. Geçmişde ýok edilen siwilizasiýalaryň barsy jynsy we dini azgynçylyk zerarly ýok edildi. Biziň siwilizasiýamyz hem kiçijek ädimler bilen dos dogry ýok edilmä tarap barýar, ýöne ol günüň haçan boljagy hiç kime belli däl. Ýewreýleriň salamlaşmasy 6-njy öý diýen manyny berýär, ýagny 6-njy siwilizasyýa. Kerimi Kuran 5 sany ýok edilen siwilizasyýa barada häli şündi nygtap geçýär. "Matrisa" çeper filimi hem 6-njy siwilizasyýa barada gürrüň berýär. Garaz nirä seretseň Beýik Ýaradyjy 5 gezek dünýäni öçürüp açypdyr diýen habar ýüze çykýar we hä diýmän 6-njy gezek düwmä elini uzatjaga meňzeýär? Sebäbi adamzadyň azgynçylygy ähli serhetlerden geçdi. Bize geregi hem şol, men gynanjak däl.

Eger biz 6-njy siwilizasyýa bolsak, 5-nji siwilizasyýa haçan ýok edildi diýen sorag ýüze çykýar? Biziň resmi

taryhçylarymyz, biziň planetamyzyň iň esasy ýalançylary, taryha degişli ähli zatlary uzaltmagy gowy görýärler. Mysal üçin dinozawrlaryň ýok bolanyna 75 miliýon ýyl boldy we şuňa meňzeş. Resmi taryhçylary diňleseň, taryhdaky ähli bolup geçen hadysalar, şeýle bir alyslarda boldy we bolany bolmany hem anyk däl. Üstünden köp wagt geçen zada ynanma kynlaşýar, şol sebäpden hem taryhçylar ähli zady südürmäni gowy görýärler. A biziň siwilizasyýamyzyň ýaşy bolsa, bary ýogy 250-300 ýyl. Hawa, Beýik Ýaradyjy bary ýogy 300 ýyl mundan öň gaharlandy-da, 5-nji we iň owadan, iň kuwwatly we biziň sanymyz bilen deňeşdireňde bizden hem epesli kän bolan siwilizasyýany ýok etdi, we oň ýerine bizi ýerleşdirdi. Şu wagtky adamzadyň taryhy bary ýogy 300 ýyl, ondan kän däl.

- **Bizden öňki 5-nji siwilizasiýa kimler bolan we olar nähili ýaşan?**

Eger çakym çak bolsa 5-nji siwilizasiýa boýlary 5-7 metre ýetip duran ägirt adamlar we olar öz durmuşy bilen şu wagtky resmi taryhdaky Rim halkyna meňzeýär. Yzy üzülmeýän keýpi-sapalyk, jynsy gatnaşyklarda hiç hili serhet ýok, öz uýaň bilen ýatyp turybermeli. Ylymyň derejesi şeýle bir ösen bolupdyr, adamlara zähmet çekmek gerek däl, bar zat mugut we bar işi robotlar ýerine ýetirýär. Hawa hawa, 5-nji siwilizasyýa robotlary ýasap bilýän eken, olaryň ylmynyň ösen derejesi biziňkiden ep-esli ýokarda bolypdyr. Ol döwürler ýurtlar diýen düşünje hem bolmandyr. Tutuş dünýe yzy üzülmeýän şäher bolupdyr, näçe müň kilometr geçseň hem şäheriň yzy üzülenok. Şeýle siwilizasiýany Beýik Ýaradyjy bary ýogy 300 ýyl mundan öň ýok edipdir. Ol siwilizasyýaň galdyran yzlary hem bar, şol yzlar biziň döwrümiziň käbir bilesigeljilerine gün berenok. Mysal üçin köne döwürden galan köşükler we başga jaýlar. Piterda ýerleşýän ermitaž diýilýän bina 5-nji siwilizasyýaň guran binasy. Ýewropada ýerleşýän köneden galan islendik köşük ýada başga bir bina, 5-nji siwilizasyýaň galdyran binalary. Müsürdäki piramidalar, beýik hytaý diwary hem 5-nji siwilizasyýaň işi. Kerimi Kuranda Beýik Ýaradyjy

geçmişdäki siwilizasyýaň galdyran guýylaryny, köşüklerini we başga yzlaryny göreňzokmy, ol yzlary siziň goýýan yzlaryňyzdan hem has göze ilginç diýip bir näçe gezek agzap geçýär.
Beýik Ýaradyjyň 5-nji siwilizasyýany nähili ýarag bilen ýok edeni belli däl, kimdir biri ýer ýüzüýn suw aldy diýýär, kimdir biri ol ýaraga ýadro ýaragy diýýär, hamala ýer ýüzüni GOOGLE kartalary bilen gowja yzarlasaň, ýadro urgularyň yzlaryndan dolumuşyn. Nähili bolanda-da Beýik Ýaradyjy 8 miliýartdan hem kän bolan halky, olaryň şäherleri bilen bilelikde ýok etmegi başarypdyr. Ýöne ýok etme ähli ýerde deň bolup geçmedik bolmaly, sebäbi ýewropa ülkesinde 5-nji siwilizasyýaň guran binalary diýseň kän, geçmişiň köne şäherleri. 5-nji siwilizasyýa ýok edilende ähli ýerlerden beter iň köp zeper çeken, şu wagtky çölleriň bar ýerleri, Sahara, Garagum we Gobi çölleri. Ýewropaň az zeper çekeni zerarly, ol ýer ahyrzamandan soň, (5-nji ahyrzamandan soň) diýseň çalt özini tutýar we 5-nji siwilazyýadan galan ähli tehnalogiýalary ele alýar we ýer ýüzüni basyp alyp başlaýar. Şol sebäpden ýewropa ylymda öňde barýar, aslyýetinde olar hiç zat oýlap tapmadylarda, diňe geçmişden galan tehnalogyýalary ele saldylar. Köpçülikleýin habar beriş serişdeleri, bizi, adamlary ösüşde diňe öňe barýar diýip ynandyrjak bolýarlar, hakykatda bolsa biz diňe yza barýas. Ylmy ösüş köne döwür geçmişde bir ýerlerde bolupdyr, biz bolsa gün saýyn ol ösüşden daşlaşýas, haýwanlaşýas. Ýokarda agzalanlaryň hasabyna, ýenede bir zat azajyk hem bolsa hakykylyk goşýar: 20-njy asyryň başynyň we 19-njy asyryň soňunyň fantastiki çeper edebiýaty. “Göze görünmeýän adam”, “Suwuň aşagy bilen 20000 liýe”, “Wagt maşyny” we başga şuňa meňzeş eserler. Bu eserleriň öz döwründe döremäge hiç hili haky ýokdy, eger çaklamalar dogry bolsa ol eserlerdäki tehnalogiýalar 5-nji siwilizasyýadan galan tehnalogiýalar barada gürrüň berýärdiler. Ol eserleriň ýewropada dörändigi hem ýöne ýere däl. Göz öňüne getiriň, bizde Gökdepe urşy gidip dur, a ýewropada bir ýerde Gerbert Wels atly ýazyjy “Dünýeleriň urşy” diýen eseri ýazýar we ilkinj gezek lazer şöhle ýaragy barad gürrüň berýär. Gökdepe urşy 1881-nji ýyl, Romanyň çapa çykan ýyly 1897-nji ýyl. Bary

ýogy 16 ýyl tapawudy bar, emma romandaky tehnalogýalar biziň şu wagtky tehnalogiýalarymyz bilen kybapdaş.

- **Dinozawrlar barada**

Ýokardaky torýada dinizawrlara ýer tapmak azajyk kyn düşýär. Belki dinozawrlar 5-nji siwilizasiýa bilen bilelikde şol döwrüň janly tebigaty bolandyr, belkem 6-njy siwilizasyýaň güni doganda dörändirler? Eger 5-nji siwilizasyýaň ýadro ýaragi bilen ýok edilendigini hasaba alsaň, şu ýerde dinzawrlaryň döreýşi barada örän geň teoriýa ýüze çykýar. Ýadro ýaragynyň radioaktiw şöhle galdyrýanyny biz bilýäs, radioaktiw şöhle bolsa jandarlarda mutasiýa döredýär, mysal üçin gök önümleri şöhlelendirseň olar adatdan daşary ulanyp başlaýarlar. Bize aýdanoklar, ýöne janly jandarlary hem şöhlä tutsaň, olar adatdan daşary äpet bolýan bolmaklary mümkin? 1998-nji ýylda düşürlen “Godzilla” atly çeper filimiň mazmunyna görä ýadro ýaragy synagdan geçirilýäm adadadky zemzemlerden äpet dinozawrlar peýde bolýar, ol kino bolsa bize kadyrma bilen nämäň nämedigini düşündirjek bolýan bolmagy hem ähtimal? Eger geçen siwilizasyýa ýadro ýaragy bilen ýok eilen bolsa, diýmek Hudaýda Ýadro ýaragy bardygygyny aňladýarmy? Bar zat beýle ýönekeý däl, Beýik Ýaradyjy bir okda müň towşan urýar we örän çylşyrymly göçümleri edýär. Eger çakym çak bolsa demirgazykda bir ýerde şu wagt hem 5-nji siwilizasyýaň bir iki sany ülkesi bar we ülkäň adamlary öz kowumdaşlaryny ýadro ýaragy bilen 300 mundan ýok etdiler. Elbetde olaryň şeýle etmäge öz sebäpleri bolandyr, netijede bolsa bar zat Beýik Ýaradyjyň emrine gulluk edýär. Indem bolsa ýene dinozawrlar barada dowam edeli. Dinozawrlar hiç mahal ýokdylar, olar diňe 5-nji siwilizasyýaň ýok edilen wagty ýadro ýaragyň radio-aktiw şöhlesi zerarly, süýrenjilerden mutasyýa esasynda, bary ýogy 300 ýyl mundan öň peýda boldylar. Iň soňky dinizawrlary 1945-nji ýylda biziň ata babalarymyz ýok etdiler. Bul eýýäm dinozawrlar barada 2-nji teoriýa. Internetda gabat gelýän örän täsin teoriýaň mazmunyna görä, 1-nji we 2-nji jahan urşlarynda wepat boldy diýip hasap edilýän adamlar, hakykatda ýer ýüzüni

diri galan dinozawrlardan arassalamak üçin peýdalanypdyr. Mysal üçin aýdaly seni urşa çagyrýarlar we samalýoda mündürip bir ýerler alyp gidýärler. Seň we sen ýaly esgerleriň öňünde tokaýy duşmandan arassalamaly diýip mesele goýýarlar, ol tokaýda bolsa dinozawrlar ýaşaýar, sen isleseň islemeseň söweşmeli bolýaň, ýöne söweşden soň yzyňa dolanoňok. 2-nji jahan urşunda diňe SSSR-den 18 miliýon adam yzyna dolanmady, Hytaý döwletinde 50 miliýon adam. Elbetde resmi taryh bar zady başga äňende gürrüň berýär, emma käbir çaklamalara görä miliýonlarça adamlar bize näbell tokaýlarda dinozawrlara garşy söweşyp şol ýerlerde galypdyrlar, ýa-da wepat bolupdurlar.

- **Masonlar, Iliýuminatlar we başga peläketler**

Jon Koulman atly bir ýazyjy ýer ýüzüni dolandyrýan güçleriň, aýdaly masonlaryň we başga şoňa meňzeş peläketleriň 250 ýyl mundan öň peýda bolandyklaryn nygtaýar. 250 ýyl mundan öň, angliýaň baý maşgalalry ýer ýüzüni ýüzüp çykýarlar we narkotik söwdasynda başlaýarlar. Eger çakym çak bolsa 5-nji siwilizasyýaň adamlary bilen, biziň döwrümiziň adamlary bilelikde ýaşan bolmaly. Boýlary 5-7 metra ýetip duran adamlar bilen boýy 2 metra zordan ýetýan adamlar. Ýöne biziň halkymyz juda az sanly bolup äpet adamlaryň hyzmatynda bolan bolmagy ähtimal? Soň uly urş, uly jenjel we dawwa. Demiz gazykdan bir ýerden ýadro reketalary, beýik beýik şäherler weýran, ägirt adamlar ýitip gitmegiň bär ýanynda we 6-njy siwilizasyýaň güni dogýar. Ahyrzamandan iň az zyýan çeken ýewropa çalt çaltdan ösüp başlaýar we ýer ýüzüni kalonýa öwürýär, basyp alan ýerlerinde öz mekeplerni guryar we çagalara ýasama taryh öwredip başlaýar. Masonlar we başga güçler biz ýaly samsyklary aldamak üçin tapylan zatlar. Islendik topar özüne näme at daksada, olar mydama bir zat üçin jemlenşýärler, hökümdarlyk we pul.

- **5-nji siwilizasyýadan diri galanlar**

Beýik Ýaradyjy islendik ülkäni ýok etmäkä, ol ýerik hökman Perişdeleri duýdurys bilen ugradýar we diňe şondan soň öz

işine başlaýar. Emma hemişe bolşy ýaly duýdurysa hiç kim boýun egenok. Eger ülke çenden aşa azan bolsa, Beýik Ýaradyjy ol ýerden günäsiz adamlary daşyna çykarýar we ülkäni harap edýär. Nähili geň bolsada 5-nji siwilizasyýadan diri galanlar hem bar. Olar biziň planeta diýän ýerimizden demirgazyga tarap ýaşaýarlar. Eger çakym çak bolsa, ol oglanlar musulman bolmaly? Sebäbi olarda köp aýallylyk bar we olaryň erkekleriniň sakallary ösgün, musulmanlyk bilen gabat gelýän başga alamatlar barada hiç zat bilemok. Başga tarapdan Amerikaň birleşen ştatlarynyň çäklerinde Marmonlar diýilýän dine uýýanlar hem köp aýallylygy amal edýärler. Diýjek bolýanym köp aýallylyk musulmançylykdan alamat däl. Garaz, Beýik Ýaradyjy 5-nji siwilizasiýadan gowy adamlary daşyna bir ýerik çykaran bolmaly, ýa-da gowy adamlara ýadro ýaragyny berip, haram adamlary ýok etmegi emr eden bolmaly? Edil biziň döwrümizde Wladimir Putin aklyny ýitirip, Ýewropa ýurtlaryny ýadro ýaragy bilen tekizläp başlasa, biziň barymyz bolýan zatlarda harby syýasaty göreris. Emma bar zada ýokardan seretseň, Beýik Ýaradyjy diňe bir beçebazlykda we küntüçilikde gark bolýan Ýewropany arassaladygy bolar. Belkem şuňa meňzeş bir zatlar 5-nji siwilizasyýa bilen bolup geçendir? Nähili bolanda-da demirgazykda bir ýerde beýik siwilizasyýaň galak gaçaklary ýaşaýar. Ol adamlaryň boýlary 5-7 metr. Ol siwilizasyýa, biziň siwilizasyýamyza tehnalogiýa satýar, nähili satýar, altyna çalşýar. Biz bolsa kompýuterleri Bill Geýts öz garažynda oýlap tapdy diýip pikir edýäs. Ol siwilizasiýa altyny gurluşykda giňden ulanýar, jaýlaryň üçegini altyndan gurýar, penjireleri altyndan we şuňa meňzeş. Ol siwilizasiýa barada “Tüsseleýän Hudaý” atly eserde agzap geçilýär. 1829-njy ýylda çapa çykan kitapda el telefony barada gürrüň berlýär, men welin lkinji el telefony diňe 2006-njy ýylda gördüm. Telefon eýýäm 177 ýyl bäri bar eken, ol hem iň azyndan.

- **Titanik barada ýene bir çaklama**

Titanik gämisi barada biziň ählimiz bilýän bolsak gerek? Eýsem

biz näme üçin bilýäs? Sebäbi titanikli temany köpçülikleýin habar beriş serişdeleri arkaly häli şündi owkalap otyrlar. Eger owkalaýan bolsalar, diýmek ýöne ýere däl, diýmek bizden bir zady gizleýärler. Köpçülikleýin Hudaýdan ýüz öwürme hadysasy uly jahan urşlarynyň başlamagyna eltýär. 20-nji asyryň başlaryna ýewropa we russiýa ýurtlary Hudaýdan ýüz öwürdiler we netijede kiçijek ahyrzamany başlaryna çagyrdylar. Ahyrzamanlaryň barsy welin şol bir senari boýunça geçýär. Şähere töwella üçin Perişde ugradylýar, töwellany hiç kim kabul edenok, belkem Perişdäni aklyndan aşazan bilen çalşyp köşükden kowýandyrlar, bu zatlary men eýýäm bilemok. Netijede şäherden halal adamlary çykarýarlar we armagidon başlaýar. Indem Nuhyň gämisini ýadyňyza salyň, titanik bilen meňzeşlik göze ilýär? Belkem Beýik ýaradyjy Ýewropa gan çaýkamazdan öň (yzly-yzyna 2 sany jahan urşy bilen) ol ýerden ähli halal adamlary alyp çykandyr? Bize bolsa Hudaýa garşy çykýan adamlar titanik gark boldy diýýärler. Eger Nuhyň eýýäminden birje ülke diri galan bolsa, olar hem görüplikden ýaňa Nuhyň gämisi gark boldy diýerdiler. Titanik gark bolmady, ol barmaly ýerine ýüzüp bardy. Kerimi Kuranda Beýik Ýaradyjyň Beýik Protokollary bar. Şolaryň esasynda daş-töwerekde bolýan zatlara gowy düşünseň bolýar. Mysal üçin Kerimi Kuranda Musa pygamberiň halky altyndan gölä çokunyp başlaýar we Hudaýdan ýüz dönderýärler, netjede ýokardan inen jeza: –Siz birek-biregi öldürersiňiz, –bu bolsa diňe urşy aňladyp bilýär. 20-nji asyryň başynda hem köpçülükleýin Hudaýdan ýüz dönme başlaýar we ýene şol öňki köne jeza, bir hudaýsyzlar, başga hudaýsyzlary öldürip başlaýar. Gepiň gerdişine görä aýtsaň, edil şu wagt ukrainler bilen ruslarda hem şol ýagdaýa tomaşa edýäs, bir hudaýsyzlar, başga bir hudaýsyzlary öldürýärler. Ýaňy aýdyşym ýaly Kerimi Kuranyň Mukaddes protokollary.

# Internet maglumatlary esasynda taýarlandy. Geň-taňsy wakalar